Türkmenistanyň Adalat ministrligi
tarapyndan
2020-njy ýylyň «29» maýynda
1334 bellige alyş belgisi bilen
döwlet belligine alyndy

"Türkmenistanyň Howa ulaglary edaralarynyň Rasionalizatorçylyk işi hakynda Düzgünnamany tassyklamak hakynda" "Türkmenhowaýollary" agentliginiň başlygynyň 2020-nji ýylyň 1-nji maýynda çykaran 129/iş belgili buýrugy

«TÜRKMENHOWAÝOLLARY» AGENTLIGI

TURKMENHOWAYOLLARY AGENCY

**BUÝRUK**

**ORDER**

«01» maý 2020 ý. № 129/iç

**Türkmenistanyň howa ulaglary edaralarynyň Rasionalizatorçylyk işi hakynda Düzgünnamany tassyklamak hakynda**

«Rasionalizatorçylyk işi hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 10-njy maddasynyň birinji bölegini ýerine ýetirmek maksady bilen hem-de «Hukuk namalary hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 15-nji we 44-nji maddalarynyň talaplaryna laýyklykda, **buýurýaryn:**

1. Türkmenistanyň howa ulaglary edaralarynda Rasionalizatorçylyk işi hakynda Düzgünnamany tassyklamaly (goşulýar).

2. Şu buýrugyň ýerine ýetirilşine «Türkmenhowaýollary» agentliginiň başlygynyň degişli orunbasary gözegçilik etmeli.

**Başlyk** **D.R.Saburow**

«TÜRKMENHOWAÝOLLARY» AGENTLIGI TÜRKMENISTAN.

«Türkmenhowaýollary» agentliginiň
başlygynyň
2020-nji ýylyň "01" maý
çykaran 129/18 belgili buýrugy bilen
tassyklanyldy

**Türkmenistanyň howa ulaglary edaralarynda Rasionalizatorçylyk işi hakynda Düzgünnama**

1. Şu Türkmenistanyň howa ulaglary edaralarynda Rasionalizatorçylyk işi hakynda Düzgünnama (mundan beýläk – Düzgünnama) Türkmenistanyň Raýat kodeksine, "Rasionalizatorçylyk işi hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 10-njy maddasynyň birinji bölegine laýyklykda işlenilip taýýarlanyldy we Türkmenistanyň howa ulaglary edaralarynda (mundan beýläk – edara) rasionalizatorçylyk işi bilen bagly edara bilen rasionalizatorçylyk teklipleriniň awtorlary bilen aralaryndaky gatnaşyklary düzgünleşdirmegiň, edarada rasionalizatorçylyk işiniň gurnalmagynyň we ýöredilmeginiň tertibi düzgünleşdirilýär.

2. Şu Düzgünnamanyň maksatlarynda şu aşakdaky düşünjeler ulanylýar:

1) rasionalizatorçylyk işi – edarada işleýän ýa-da işlemeýän fiziki şahs ýa-da şolar ýaly şahslaryň topary tarapyndan amala aşyrylýan, ulanylmagy maddy we maliýe serişdeleriniň tygşytlanylmagyna ýardam edýän desgalaryň, gurluşlaryň, harytlaryň we önümleriň, tehniki serişdeleriň ýa-da tehnologiýa iş ýöredilişiniň kämilleşdirilmegine, şeýle hem zähmet şertleriniň we daşky gurşawyň gowulandyrylmagyna gönükdirilen döredijilik işi;

2) rasionalizatorçylyk teklip -desgalaryň, gurluşlaryň, harytlaryň we önümleriň, tehniki serişdeleriň ýa-da tehnologiýa iş ýöredilişiniň kämilleşdirilmegini göz öňünde tutýan, onuň berlen kärhanasy üçin täze we peýdaly bolup durýan tehniki çözgüdi ýa-da zähmet, maddy, maliýe, energiýa, çig mal we gaýry serişdeleriň tygşytlanylmagyna, şeýle hem zähmet şertleriniň we tehniki howpsuzlygyň gowulandyrylmagyna ýardam edýän, kärhana üçin täze bolup durýan guramaçylyk ýa-da dolandyryş çözgüdi özünde saklaýan teklip;

3) rasionalizatorçylyk teklibiniň awtory (mundan beýläk – awtor (awtorlar)) – öz döredijilik zähmeti bilen ulanylmagy maddy we maliýe

serişdeleriniň tygşytlanylmagyna ýardam edýän desgalaryň, gurluşlaryň, harytlaryň we önümleriň, tehniki serişdeleriň ýa-da tehnologiýa iş ýöredilişiniň kämilleşdirilmegine, şeýle hem zähmet şertleriniň we daşky gurşawyň gowulandyrylmagyna gönükdirilen teklipleri oýlap tapan fiziki şahs ýa-da şolar ýaly şahslaryň topary.

Düzgünnamada şu bölegiň birinji-üçünji bentlerinde bellenen düşünjelerden başga ulanylýan düşünjeler Türkmenistanyň Raýat kodeksinde, "Rasionalizatorçylyk işi hakynda" Türkmenistanyň Kanunynda kesgitlenen manyda ulanylýar.

3. Edarada rasionalizatorçylyk işine umumy ýolbaşçylyk edaranyň ýolbaşçysy tarapyndan amala aşyrylýar we bu iş boýunça olaryň wezipelerine şu aşakdakylar degişlidir:

1) edarada awtoryň (awtorlaryň) döredijilik işleri üçin şertleri döretmek;

2) rasionalizatorçylyk teklipleri durmuşa geçirmekde bu teklipleriň awtorlaryna hemme taraplaýyn kömegi bermek;

3) rasionalizatorçylyk teklipleri taýýarlamak we ulanmak boýunça işe gatnaşmaga degişli hünärmenleri çekmek;

4) edaranyň işi bilen bagly rasionalizatorçylyk teklipleri öz wagtynda seretmek;

5) edaranyň işi bilen bagly rasionalizatorçylyk teklibi öz wagtynda önümçilige ornaşdyrmak;

6) bellenen tertipde awtory (awtorlary) sylaglamak;

7) awtory (awtorlary) goldamak we höweslindirmek;

8) rasionalizatorçylyk teklipleri işläp düzmekde we resmileşdirmekde awtora (awtorlara) kömek bermek;

9) edarada rasionalizatorçylyk işi babatynda bäsleşikleri, sergileri we beýleki çäreleri geçirmek.

4. Edarada rasionalizatorçylyk işini guramak boýunça ýolbaşçylyk edaranyň ýolbaşçysynyň buýrugy bilen bu işiň guralmagy we geçirilmegi üçin jogapkär wezipeli adamyň üstüne ýüklenilip bilner.

5. Rasionalizatorçylyk teklipleri resmileşdirmek, başlangyç resminamalary ýöretmek we şunuň bilen bagly beýleki işler edaranyň ýolbaşçysynyň buýrugy bilen edaranyň degişli hünärmeniniň üstüne ýüklenilmelidir.

6. Edaranyň rasionalizatorçylyk işi rasionalizatorçylyk teklipleri ýüze çykarmakdan hem-de rasionalizatorçylyk teklipleri önümçilige ornaşdyrmakdan ybaratdyr.

7. Rasionalizatorçylyk tekliplerini ýüze çykarmak işi şu aşakdakylary öz içine alýandyr:

1) rasionalizatorçylyk teklipleri işläp taýýarlamak ýoly bilen çözülmäge degişli aktual meseleleriň sanawynyň döredilmegini;

2) awtor (awtorlar) tarapyndan berilýän rasionalizatorçylyk teklip barada arzanyň resmileşdirilmegini;

3) rasionalizatorçylyk teklip barada arza seredilmegini we ol boýunça degişli çözgüdiň kabul edilmegini;

4) awtora (awtorlara) rasionalizatorçylyk teklibi babatynda şahadatnamanyň berilmegini.

8. Rasionalizatorçylyk teklipleri önümçilige ornaşdyrmak şu aşakdakylary öz içine alýar:

1) rasionalizatorçylyk teklibi edaranyň işinde ulanmak barada çözgüdiň kabul edilmegini;

2) rasionalizatorçylyk teklibiň synag barlagynyň geçirilmegini;

3) onuň durmuşa geçirilmeginiň meýilnamasynyň düzülmegini we tassyklanylmagyny;

4) rasionalizatorçylyk teklibiniň edaranyň önümçiliginde ulanylmagyny;

5) awtoryň (awtorlaryň) sylaglanmagy.

9. Rasionalizatorçylyk teklipleriň öňde tutulýan ugurlaryny kesgitlemek maksatlarynda edarada rasionalizatorçylyk teklipleriň ulanylmagy bilen çözülmäge degişli aktual meseleleriň sanawynyň işlenip taýýarlanylmagy, tassyklanylmagy we aktuallaşdyrylmagy gurnalýar.

10. Şu Düzgünnamanyň dokuzynjy böleginde bellenen sanaw edaranyň ýolbaşçysynyň buýrugy bilen döredilýän Rasionalizatorçylyk arzalara seretmek boýunça topar tarapyndan tassyklanylmaga degişli.

11. Şu Düzgünnamanyň dokuzynjy böleginde bellenen sanaw önümçilikde ýüze çykýan meseleleriň çözgüdini tapmak üçin döredilip, işiň beýleki ugurlary boýunça rasionalizatorçylyk teklipleriň kabul edilmegini aradan aýyrmaýar.

12. Rasionalizatorçylyk teklibi işläp taýýarlan awtor (awtorlar) bu teklibiň rasionalizatorçylyk hökmünde ykrar edilmegi barada kärhananyň ýolbaşçysyna ýazmaça arza bilen ýüzlenmelidir. Her bir teklip üçin aýratyn arza berilmäge degişlidir.

13. Arzalary tabşyrmak üçin möhletler bellenilmeýär, olar hemişelik tertipde kabul edilmäge degişlidir.

14. Arzada rasionalizatorçylyk teklibiň ady gysga, anyk görkezilip, ol teklibiň beýanyna laýyk gelmelidir.

15. Arza şu resminamalar goşulmalydyr:

1) rasionalizatorçylyk teklibiniň beýany;

2) grafiki materiallar, suratlar, çyzgylar, eskizler, fotosuratlar we rasionalizatorçylyk teklibiniň düýp manysyna düşünmek üçin zerur bolan beýleki resminamalar;

3) ykdysady netijäniň hasaplamalary, çalşyrylýan çözgüt bilen deňeşdirilende peýdalylygynyň düşündirmesi;

4) eger rasionalizatorçylyk teklibiniň işlenip düzülmegine raýatlaryň birnäçesi bilelikde gatnaşan bolsa, şärikli awtorlaryň olaryň arasynda pul sylagynyň paýlaşylmagy barada ylalaşygy.

16. Eger arza "Rasionalizatorçylyk işi hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 12-nji maddasynyň hem-de şu Düzgünnamanyň on bäşinji böleginiň talaplaryna laýyk gelýän bolsa, şu Düzgünnamanyň dördünji böleginde kesgitlenen wezipeli adam tarapyndan bu arza Rasionalizatorçylyk teklipleri hasaba alyş kitabynda (şu Düzgünnama 1-nji goşundy) hasaba alynmalydyr hem-de rasionalizatorçylyk teklip barada ähli takyk maglumatlar girizilmelidir.

17. Arza şu Düzgünnamanyň on altynjy böleginde bellenen talaplara laýyk gelmedik halatynda jogapkär wezipeli adam bu barada rasionalizatorçylyk teklibiň awtoryny (awtorlaryny) bu barada habarly edip, oňa geçirilmäge degişli işler barada öz tekliplerini ýollamalydyr.

18. Rasionalizatorçylyk teklibini işläp düzen adam arza bellige alnandan soň, ýöne ol boýunça çözgüt çykarylýança, teklibiň düýp manysyny üýtgetmezden, teklibiň beýanyna, çyzgysyna, shemasyna, eskizine üýtgetmeler we goşmaçalar girizip biler. Üýtgetmeler we goşmaçalar berlen senesini görkezmek bilen, aýratyn sahypada resmileşdirilmelidir.

19. Rasionalizatorçylyk teklibiň düýp manysyna üýtgetme girizilýän halatynda bu barada aýratyn arza resmileşdirilip, oňa täze rasionalizatorçylyk teklip hökmünde seredilmelidir.

20. Kabul edilen teklip şu Düzgünnamanyň onunjy böleginde görkezilen Topar tarapyndan seredilýär we degişli çözgüt kabul edilýär.

21. Teklip şu halatlarda rasionalizatorçylyk diýlip ykrar edilýär:

1) desgalaryň, gurluşlaryň, harytlaryň we önümleriň, tehniki serişdeleriň ýa-da tehnologiýa iş ýöredişiniň kämilleşdirilmegini göz öňünde tutýan, onuň berlen kärhanasy üçin täze we peýdaly bolup durýan tehniki çözgüdi;

2) zähmet, maddy, maliýe, energiýa, çig mal we gaýry serişdeleriň tygşytlanylmagyna, şeýle hem zähmetiň şertleriniň we tehniki howpsuzlygyň gowulandyrylmagyna ýardam edýän, kärhana üçin täze bolup durýan guramaçylyk ýa-da dolandyryş çözgüdi.

22. Eger teklip:

1) ol ulanylanda (ornaşdyrylanda) önümiň ýa-da tehnologiýa iş ýöredişiniň hil häsiýetleriniň pese gaçmagyna, zähmet şertleriniň, tehniki howpsuzlygyň ýaramazlaşmagyna getirýän bolsa, şeýle hem daşky gurşawa zyýanly täsir ýetirmäge ukyply bolsa;

2) desgalaryň, gurluşlaryň, harytlaryň we önümleriň, tehniki serişdeleriň ýa-da tehnologiýa iş ýöredişiniň bir görnüşiniň deň ähmiýetli we bu kärhanada belli bolan başga bir görnüşine çalşyrylmagyny göz öňünde tutýan bolsa, olaryň niýetlenilişi şeýle çalşyrmany tehniki döredijilik çözgütsiz amala aşyrmaga mümkinçilik berýän bolsa;

3) desgalaryň, gurluşlaryň, harytlaryň we önümleriň, tehniki serişdeleriň häsiýetleriniň üýtgemegine getirmeýän şkalalaryň, jetwelleriň, diagrammalaryň, grafikleriň, nomogrammalaryň düzülmegini özünde saklaýan bolsa;

4) ylmy we inžener-tehniki işgärler tarapyndan gulluk borçlarynyň ýa-da onuň bilen bagly şertnamalaýyn işleriň ýerine ýetirilmeginiň barşynda işlenip düzülen bolsa ol rasionalizatorçylyk diýlip ykrar edilmeli däldir.

23. Teklip rasiopnalizatorçylyk hökmünde seredilen halatynda Topar tarapyndan edaranyň bölümine rasionalizatorçylyk teklibi babatynda şahadatnamanyň taýýarlanylmagy barada tabşyryk berilýär.

24. Teklip onuň ulanylyp başlanan gününden beýläk ulanylan diýlip ykrar edilýär.

25. Teklibiň önümçilikde ulanylmagy barada karara gelnen halatynda şol teklibi ulanmagy maksada laýyk hasaplaýan edaranyň düzüm birligi (mundan beýläk – edaranyň degişli düzüm birligi) tarapyndan onuň ulanylmagy babatynda meýilnama düzülmelidir. Bu meýilnamada teklibiň ulanylmagy bilen bagly anyk çäreler, olaryň geçirilmeli möhletleri we jogapkär işgärler görkezilmelidir.

26. Teklibiň edaranyň öňümçiliginde ulanylmagy barada karar kabul edilende edaranyň mäliýe mümkinçilikleri göz öňünde tutulmalydyr.

27. Teklibiň önümçilikde ulanylmagyna gözegçilik edaranyň degişli düzüm birligi tarapyndan amala aşyrylýar.

28. Şu Düzgünnamanyň edaranyň degişli düzüm birligi teklibiň ulanylmagynyň meýilnamasyna laýyklykda teklibiň synag üçin ulanylmagyny amala aşyrýar we onuň netijeleri barada jogapkär wezipeli adama hasabat berýär.

29. Teklibiň edaranyň işinde ulanylmagy Teklibiň önümçilige ornaşdyrylmagy baradaky ykrar haty (şu Düzgünnama 2-nji goşundy) bilen tassyklanylýar.

30. Teklibiň önümçilige ornaşdyrylmagy baradaky ykrar haty düzülen gününden başlap 5 (bäş) iş gününiň dowamynda edaranyň degişli düzüm birligi edaranyň işgärler bölümine bu ykrar hatyny goşmak bilen awtoryň (awtorlaryň) sylaglanmagy barada teklibi ýollaýar.

31. Teklip önümçilikde bir ýyl ulanylandan soň teklibiň hakykat ýüzünde ulanylmagy barada kepilnama düzülip, onda teklibiň ulanylmagynyň möçberi, edaranyň maliýe bölüminiň teklibiň ulanylmagynyň önümçilige maliýe taýdan beren täsiri, şeýle hem beýleki oňaýly täsirleri barada netijenamasy görkezilmelidir.

32. Edaranyň degişli düzüm birliginiň awtory (awtorlary) sylaglamak baradaky teklibiniň esasynda edaranyň işgärler bölümi awtoryň (awtorlaryň) sylaglanmagyny üpjün edýär.

33. Şu Düzgünnamada düzgünleşdirilmedik beýleki ýagdaýlar Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda amala aşyrylmaga degişlidir.

Türkmenistanyň howa ulaglary edaralarynda
rasionalizatorçylyk işi hakynda Düzgünnama
1-nji goşundy

## Rasionalizatorçylyk teklipleri hasaba alyş kitabynda

______________________________________________
edaranyň ady

| klibiň ertip any | Teklibiň berlen senesi | Teklibiň ady | Awtoryň (awtorlaryň) familiýasy, ady, atasynyň ady, wezipesi | rasionalizator çylyk arzalara seretmek boýunça topara ýollamagyň senesi | Barlaglaryň geçirilmeginiň möhletileri | Önümçilikde ulanylmagyň möhletleri | Ykdys ady täsiri | Sylagyň möçberi |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | | | |

Türkmenistanyň howa ulaglary edaralarynda rasionalizatorçylyk işi hakynda Düzgünnama
2-nji goşundy

## Teklibiň önümçilige ornaşdyrylmagy baradaky ykrar haty

Hasaba alyş belgisi ______________________________
Rasionalizatorçylyk teklibiň ady ______________________
__________________________________________________
__________________________________________________
__________________________________________________

______ -njy(nji) ýylyň "____"-njy (nji) ________ başlap ________
edaranyň düzüm

__________________________________________________
birliginiň ady

teklibiň beýanyna laýyklykda ulanyldy.

Edaranyň düzüm birliginiň ýolbaşçysy ____________ ____________________
goly    familiýasy, ady, atasynyň ady

Rasionalizatorçylyk teklibiň ulanylmagyna jogapkär ____________ ____________________
goly    familiýasy, ady, atasynyň ady

Rasionalizatorçylyk işi üçin jogapkär ____________ ____________________
goly    familiýasy, ady, atasynyň ady

"____" ____________ ________ ý.

____________ belgili rasionalizatorçylyk teklibiň ulanylmagynyň
hasaba alyş belgisi

başlanmagy bilen tanyşdyryldyk:
Awtor (awtorlar) ____________ ____________________
goly    familiýasy, ady, atasynyň ady, wezipesi

____________ ____________________
goly    familiýasy, ady, atasynyň ady, wezipesi

____________ ____________________
goly    familiýasy, ady, atasynyň ady, wezipesi

"______" ______________ ____________ ý.

Belgilenildi we bagjyklanyldy
11 sahypa
ý.ý. M. Myradowa
29.05.2020ý.

TÜRKMENISTANYŇ ADALAT MINISTRLIGI * MINISTRY OF JUSTICE OF TURKMENISTAN *